# Louisa şöhrat!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Louisa şöhrat!

LOUISA  ŞÖHRAT!

(Turkmen atlaryny jandan eý görýän, tanymal atşynas we zähmetkeş ynsan, amerikaly zenan Louise Firooz-a [1932-2008] bagyşlanýar).

Atlar
Toýnak sesin köşeşdirdiler,
Aýny sogrulan dek enäň höwründen.
Louis-anyň  soňki hoşlaşygynda,
Kişňäp galdy
Taýçanaklar böwründe.

Diňe taýçanaklar, gunanlaram däl.
Ekiş meýdanlarda,
Yrap başyny
Hoşalar hoşlaşdy.
Taýdy köşekler
 sakyndy Iner,
Öýkeli tumşugun
Tutup asmana,
Maýalar bozlaşdy.

Iňredi aşyk,
Aşygy atyň.
Aşygy ýoluň.
Aglady seýisler
Gam basdy sährany.
Togtady aýlam,
Aglady ýaýlam.

Eý düýpsiz  ýodalaň

Çatrygy telim!
Eý kalby şarlawuk,
Eý göwny seýlim!

Haýsy ýodalardan,
Haýsy ýollardan,
Bu ymgyr sährany
Saýladyň sonam?..
Eý sen bedewlere ysnyşan uýam!
Surnuganda surnugan,
Suwsanda, suwsan.
Ajyn- yalaňajyn
Doýuran,  donan.
Derdine em bolan,
Kul bolan,  ýanan.
Onsoň şol küllerde
Göwher dek parlan ,
Louisa enem!

Meň sogrulan
Ganatymy, atymy
Dolandyrdyň bynyadyma, örküme,
Çar paýa galdyrdyň
Bedewlerimi.
Gözüm ýetdi
Ýyndam çapjak erkime.

Sen ummasyz ýoldan
Geilip  sahramda,
Şol erklige söýenmegi ögretdiň.
Hiç bir zada
deňäp bilmerin seni ,
adam salykatly  aty döretdiň!.

Seň kalbyň arassa
Tolkunan aý deý.
Hamraklykda  düýpsiz giden ummandyň.
(Aýlamçadan ,aýlamlardan,  Şöhratdan),

Bu zatlardan ozal
Dogan ynsandyň.

Ýene çapar
 Aýlamlar-da bedewler
Gylýallardan  birje çapjak at bolsa
Ýer şaryn-da buýsanji dir türkmeniň
Eger her bir halka bir şöhrat bolsa.

Gapur HOJA.

Goşgular